# Ussada

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ussada

USSADA

● Belli terjimeçi, mährem halypam Annaly Berdiýewe

Annaly halypa, şygryñ gallajy,
Ýörsüñ öz takdyryñ özüñ ýazyp sen.
Ýüregiñden ýasamadyñ aldajy,
Gezdiñ ony il ýüregne ýüzüp sen.

Men bilemok haýsy ykbal oýadan,
Başyñ – gowga, ýüregiñi gaý eden,
Ejiz göwräñ güýçli uçut gaýadan,
Käte uk bagy dek üzük-üzük sen.

Topraga ýapyşyp, ýörsüñ güneşläp,
Kiçi paýy müñ bölege üleşläp,
Ýamanlaryñ ýüreginde gulaçlap,
Ýagşylyk zerresin alýañ süzüp sen.

Daýhan däl, ýer gatyn görýär gözleriñ,
Işçi däl, çekiç deý urýar sözleriñ,
Nury artar saña duşan ýüzleriñ,
Aslyñ ýagşyzada – kalba gözük sen.

Zehiniñ ezeli hakdan, Alladan,
Her setiriñ ak bugdaýa, galla deñ,
Ýakut gaşly, egremçesi tylladan,
Balygyñ içinden çykan ýüzük sen!

Süleýman ILAMANOW.

Goşgular